# Türkmenistan guşak göreşi boýunça ýaryşda dokuz medal gazandy

Türkmenistanly türgenler Kazanda geçirilen 22-nji erkekler we zenanlar arasyndaky guşak göreşi boýunça dünýä çempionatynda dürli derejeli dokuz medal gazandylar. Bu barada “Türkmenistan: Altyn asyr” elektron gazeti habar berdi.

Erkin göreşde altyn medallary Abdyresul Durdyýew (62 kg agram derejesi), Annagurban Allaberdiýew (90 kg agram derejesi) we Palwan Gurbangeldiýew (100 kg agram derejesi) gazandylar. “Bürünç” medallaryň eýeleri Aşirmyrat Amandurdyýew (57 kg agram derejesi), Mekan Nurberdiýew (68 kg agram derejesi), Azymmuhammet Orazmuhammedow (75 kg agram derejesi) we Nobatgeldi Nazarow (100 kg agram derejesi) boldular.

Klassiki göreşde kümüş medaly Nurmuhammet Baýdogdyýew (100 kg-dan ýokary agram derejesi) gazandy, bürünç medala bolsa Dawut Nazarow (100 kg-dan ýokary agram derejesi) mynasyp boldy.

Все права защищены